***25-nji dekabrda paýtagtymyzdaky "Mekan" köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň guramagynda "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Bitarap Türkmenistanyň ynamly gadamlary" atly dabara geçirildi. Oňa Hökümet agzalary, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň, daşary döwletleriň we halkara guramalaryň Aşgabatdaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, dürli pudaklarda zähmet çekýän raýatlar, ýaşlar gatnaşdylar.***




Dabaranyň geçirilýän ýerinde medeniýet we sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Dabara gatnaşyjylar halkymyzyň medeni mirasyna, Garaşsyzlygyň we hemişelik Bitaraplygyň aýdyň ýolunda ýurdumyzyň gazanan üstünliklerine bagyşlanan sergini synladylar.

Все права защищены



Soňra dabara “Mekan” köşgüniň mejlisler zalynda dowam etdi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy R.Bazarow dabara gatnaşyjylary mübärekläp, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Bitarap Türkmenistanyň ynamly gadamlary» atly dabaranyň möhüm ähmiýetini belledi.

Soňra Türkmenistanyň Döwlet senasy ýerine ýetirildi. Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekili, Türkmenistanyň Gahrymany A.Ataýewa, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Elizabet Rud, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bernd Haýns, Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rawşanbek Alimow, Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehani, Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň ýaşaýjysy B.Hojaberdiýew, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy Ç.Wekilowa, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby O.Sähetmyradow dagylar çykyş etdiler.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.12.2025



Soňra daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylaryny hem-de ýurdumyzyň raýatlaryny «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly hem-de ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglamak dabarasy boldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 26.12.2025